# Russiýa bilen aramyz gowumy?

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Russiýa bilen aramyz gowumy? RUSSIÝA BILEN ARAMYZ GOWUMY?




Biz gowudyr öýdýärdik, ýöne ýagdaý gowy däle meňzeýär!
«Единая Россия» partiýasynyň we Russiýa Federasiýasynyň Döwlet Dumasynyň agzasy Pýotr Tolstoýyň Türkiýäni nyşanalaýan sözleri görnetin pitjiň atmakdan başga zat däl!
Putine ýakynlygy bilrn tanalýan Pýotr Tolstoý «Россия-1» teleýaýlymyndaky gepleşikde Russiýanyň Garadeňizdäki agalygyny öňe sürdi…
Tolstoý alypbaryjy Olga Skabeýewanyň:
– Eýse biz Türkiýe bilen uruşmaga taýýarmy näme?- diýen soragyna:
– Biz ilki Ukrainanyň bellisini edeliň. Soň Stambul we Çanakkale bogazlaryny urarys! – diýip jogap berdi.




Öte agyr haýbat atyldy, emma biziñ Daşary işler ministrligimizden bu sözlere nägilelik bildiren tapylmady!

**• HENEK: Amerikadan hat…**

Temele ABŞ-daky dosty:
«Bärde azatlyk bar. Adamlar ABŞ-nyñ prezidentine «Faşist Baýden, näkes Baýden» diýip gygyryp bilýär we hiç kimse jogapkärçilige çekilmeýär, temmi çäresini alýanam ýok. Çünki Amerikada demokratiýa bar» diýip hat ýazypdyr.
Temelmi ondan gep alyp galjagam. Derrew oña şu jogaby ýollapdyr:
«Nämesi üýtgeşikmiş oñ? Menem bärde islesem «Faşist Baýden, näkes Baýden» diýip gygyryp bilýän, towguma tok diýjek ýok. Türkiýede demokratiýa bar, garagöz!»




**• GÜNÜÑ SÖZI**

*Ylmyñ hojaýyny bolmak üçin zähmetiñ guly bolmaly.*

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 29.07.2023 ý. Publisistika